**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:**
**– BERKARAR DÖWLETIMIZDE MILLI MEDENIÝETIMIZI, SUNGATYMYZY, EDEBIÝATYMYZY ÖSDÜRMEK, MEDENIÝET WE SUNGAT IŞGÄRLERINIŇ HÜNÄR DEREJESINI ÝOKARLANDYRMAK UGRUNDA ÄHLI ZERUR ŞERTLER DÖREDILÝÄR.**


ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
28-nji iýun, 2024. Belgisi 26/1592


# ABADANÇYLYGYŇ, PARAHATÇYLYGYŇ BÄHBIDINE DOSTLUKLY DÖWLETARA HYZMATDAŞLYK ÖSDÜRILÝÄR



**26-njy iýunda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkiýe Respublikasynyň milli goranmak ministri Ýaşar Güleri kabul etdi.**

Myhman duşuşmaga döredilen mümkinçilik üçin hoşallyk bildirip, döwlet Baştutanymyza Prezident Rejep Taýyp Ärdoganyň mähirli salamyny ýetirdi. Bellenilişi ýaly, Türkiýede ýurdumyz bilen köpugurly hyzmatdaşlyga aýratyn ähmiýet berilýär. Bu gatnaşyklar bilelikdäki tagallalar arkaly anyk many-mazmun bilen yzygiderli ösdürilýär.

Hormatly Prezidentimiz hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, doganlyk döwletiň Liderine mähirli salamyny beýan etdi hem-de Türkiýe Respublikasy bilen strategik, uzak möhletleýin gatnaşyklary ösdürmegiň Türkmenistanyň daşary syýasatynyň gün tertibinde hemişe ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýandygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz dostlukly ýurduň milli goranmak ministriniň Aşgabada iş saparynyň ähmiýetine ünsi çekip, geçiriljek gepleşikleriň we duşuşyklaryň bu ulgamda türkmen-türk gatnaşyklarynyň ösdürilmegine täze itergi berjekdigine ynam bildirdi.

Duşuşygyň dowamynda ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hem-de Türkiýe Respublikasynyň milli goranmak ministri ägirt uly mümkinçiliklere eýe bolan ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň geljegi barada pikir alyşdylar. Biziň ýurtlarymyzy baglanyşdyrýan köpasyrlyk dost-doganlygyň häzirki döwürde döwletara hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ilerletmek üçin berk binýat bolup durýandygy bellenildi. Şunuň bilen birlikde, Hökümet wekiliýetleriniň ýygy-ýygydan amala aşyrýan özara saparlary, ýurtlarymyzyň pudaklaýyn edaralarynyň arasynda yzygiderli geçirilýän maslahatlaşmalardyr gepleşikler türkmen-türk gatnaşyklarynyň pugtalandyrylmagyna uly goşant goşýar.

Häzirki wagtda Türkiýe Respublikasy biziň ýurdumyzyň iri söwda-ykdysady hyzmatdaşlarynyň biri bolup durýar hem-de daşary söwda dolanyşygynda öňdäki orunlaryň birini eýeleýär. Şunuň bilen baglylykda, özara gatnaşyklary giňeltmegiň mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Goranmak we harby ulgamda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň netijeli häsiýete eýedigi aýratyn bellenildi. Hormatly Prezidentimiz Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň diňe goranyş häsiýetine eýe bolan Harby doktrinasynyň ýörelgelerine üýtgewsiz ygrarlydygyny nygtady. Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň we beýleki goşunlarynyň şahsy düzüminiň harby hünär ussatlygyny ýokarlandyrmak üçin ähli şertler döredilýär.

Türkmen Watan goragçylary hünärlerini kämilleşdirmek we harby işiň öňdebaryjy usullaryny öwrenmek boýunça Türkiýe Respublikasynda geçirilýän okuwlara gatnaşýarlar. Şeýle hem milli goşunymyzyň maddy-enjamlaýyn üpjünçiligini döwrebaplaşdyrmak, täze tehnologiýalary ornaşdyrmak ulgamynda yzygiderli ýagdaýda tejribe alşylýar. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz we myhman bu ulgamda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmagyň mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşdylar.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz we Türkiýe Respublikasynyň milli goranmak ministri iki doganlyk ýurduň we sebitiň abadançylygynyň, parahatçylygynyň bähbidine däp bolan dostlukly döwletara hyzmatdaşlygyň geljekde-de üstünlikli ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.

* * *

Şol gün Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri Türkiýe Respublikasynyň milli goranmak ministri bilen duşuşdy. Duşuşygyň dowamynda iki doganlyk ýurduň arasynda goranmak ulgamynda alnyp barylýan gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmegiň, hususan-da, sanly tehnologiýalar boýunça hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmegiň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Bellenilişi ýaly, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan diňe goranyş häsiýetine eýe bolan Harby doktrinasynyň ýörelgelerine üýtgewsiz eýerýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkiýe Respublikasy bilen bu ugurda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmagyň ýurdumyzyň parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýandygy bellenildi. Duşuşygyň ahyrynda taraplar ýola goýlan hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.



# PYRAGYNYŇ DÖREDIJILIGI – ebedi miras

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde Magtymguly Pyragynyň ýadygärligi we «Magtymguly Pyragy» medeni-seýilgäh toplumy guruldy. «Magtymguly Pyragy» medeni-seýilgäh toplumynda dünýäniň dostlukly ýurtlarynyň meşhur ýazyjy-şahyrlarynyň heýkelleri ýerleşdirildi. Ýadygärlik hem-de medeni-seýilgäh toplumy bedew batly ösüşlerimiziň, ýurdumyzyň döredijilik kuwwatynyň, halkymyzyň bagtyýar we abadan durmuşynyň, dünýä halklary bilen dost-doganlyk gatnaşyklarymyzyň özboluşly alamatydyr. Bu taryhy wakalar Gündogaryň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllyk şanly toýuny has-da şöhratlandyrýar. Munuň özi şahyryň ajaýyp şygyrlarynyň adamzat kalbynda uly orun alandygyna şaýatlyk edýär.

Pähim-paýhasa eýlenen şahyrana döredijiligi bilen türkmen halkynyň hakydasynda parlak ýyldyz bolup lowurdaýan Magtymguly Pyragy dünýä edebiýatynyň hem edebi hazynasyny baýlaşdyrdy. Şahyryň döredijilik dünýäsi, ilkinji nobatda, türkmen halkynyň milli buýsanjyna öwrüldi.

Magtymguly Pyragy, XVIII asyryň görnükli türkmen şahyry, türkmen edebiýatynyň möhüm şahsyýetleriniň biridir. Şahyryň döredijiligi we mirasy diňe bir edebiýatda däl, eýsem, halkyň taryhynda, medeniýetinde we jemgyýetçilik durmuşynda hem uly ähmiýete eýedir. ■ 2

# MEDENIÝET – milletiň ruhy aýnasy

**Dana şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy bellenilýän şanly ýylda Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni uly toý-dabaralara beslenip geçirildi. Bu ýyl döredijilik baýramy akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygynyň hem-de Arkadag şäheriniň bir ýyllygynyň şanyna ilkinji gezek Arkadag şäherinde geçirildi.**

Medeniýet bilen nesiller terbiýelenýär, döwürler şöhratlanýar, döwletli ýörelgeler dabaralanýar. Şonuň üçin Medeniýet hepdeligi ýurdumyzyň täze taryhy döwründe uly ähmiýetli çäreleriň biri bolup, her ýyl owadan öwüşginler bilen kalbymyzy nurlandyrýar.







Medeniýet hepdeliginde täze opera eserleriniň görkezilmegi ajaýyp däpleriň birine öwrüldi. Magtymguly adyndaky Milli sazly drama teatrynda görkezilen «Magtymguly» atly opera spektakly hakyky baýramçylyk sowgady boldy. Arkadag şäheriniň Aman Gulmämmedow adyndaky döwlet drama teatrynda «Älem nury» atly sahna oýnunyň ilkinji görkezilişi bolup, ol tomaşaçylar tarapyndan uly şowhun bilen garşylandy. Döredijilik forumynyň çäklerinde Döwletmämmet Azady adyndaky Arkadag şäher kitaphanasynda geçirilen «Arkadag arşa göterdi Pyragynyň sarpasyny» atly maslahat mirasy gorap saklamak, ony dünýäde giňden wagyz etmek üçin möhüm çäreleriň birine öwrüldi. Sahy Jepbarow adyndaky Arkadag şäher ýörite sungat mekdebinde geçirilen ýurdumyzyň sazçylyk we sungat ugurly orta hünär okuw mekdeplerinde bilim alýan ýaşlaryň bilelikdäki konserti baýramçylyk çärelerine aýratyn bezeg berdi.

Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllyk ýubileýine, şeýle hem Arkadag şäheriniň döredilmeginiň bir ýyllygyna gabat gelen Medeniýet hepdeligi giň gerimde geçirildi. Hepdeligiň çäklerinde dürli dabaralar meýilleşdirilip, olaryň hatarynda «Kompozitor» çeper filminiň görkezilişi, Görogly adyndaky döwlet sirkinde «Göroglynyň döreýşi» sahnalaşdyrylan sirk çykyşy, Magtymguly Pyraga bagyşlanan edebiýat agşamlary, Arkadag şäheriniň «Märkaw» myhmanhanasynda teleradio žurnalistleriniň gatnaşmagynda geçirilen «Magtymguly – umumadamzat şahyry» atly brifingi, «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» şygary mynasybetli yglan edilen bäsleşigiň ýeňijilerini sylaglamak dabaralary bu hepdeligiň öwüşgünini has-da belende galdyrdy.

Medeniýet hepdeligi mynasybetli geçirilen çäreler milli medeniýetiň yzygiderli ösüşe eýe bolan baý ugurlarynyň täze öwüşginlere beslenýändigine bolan mukaddes buýsanç bilen kalplary nurlandyrýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde milli medeniýetimiz we sungatymyz ösüşiň täze belentliklerine göterilýär. Hormatly Prezidentimiz «Häzirki döwürde biz ýurdumyzyň şekillendiriş we amaly-haşam, aýdym-saz, teatr, kino sungatyny ösdürmäge, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işini kämilleşdirmäge aýratyn üns berýäris» diýip belleýär. Ýurdumyzda milli medeniýetimizi, sungatymyzy döwrebap ösdürmek hem-de dünýä ýaýmak babatda giň gerimli işler alnyp barylýar.

Türkmen topragy taryhy-medeni ýadygärliklere juda baý. Ol ýadygärliklerde geçirilýän gazuw-agtaryş işleri mahalynda tapylýan gymmatly tapyndylar halkymyzyň uzak geçmişdäki şöhratly taryhyndan habar berýär. ■ 2



# ARKADAG ŞÄHERI – buýsanjymyz

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň döwletli başlangyçlaryny mynasyp dowam etdirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan Watanymyz öz ykdysady özgertmeleri hem-de dünýäni haýrana goýýan ösüşleri bilen möhüm merkeze öwrüldi.

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen başy başlanyp, hormatly Prezidentimiziň ak pata bermegi bilen dabaraly ýagdaýda açylan Arkadag şäheriniň atowazasy bütin dünýä dolýar. «Akylly» şäher ulgamynda bina edilen Merkezi Aziýada deňitaýy bolmadyk Arkadag şäheriniň döredilmeginiň bir ýyllygy giňden bellenip geçilýär.

Mälim bolşy ýaly, «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda täze şäheriň ikinji tapgyrynyň gurluşygyna badalga berildi. Täze tapgyrda önümçilik toplumlarynyň gurluşygy meýilleşdirilip, häzirki wagtda gurluşyk işleri güýçli depginde alnyp barylýar.

Gysga döwrüň içinde dünýä jemgyýetçiliginiň ünsüni çeken Arkadag şäheri geçen bir ýylyň dowamynda köp sanly iri halkara forumlaryň geçirilýän ýerine öwrüldi. Şol bir wagtda Köpetdagyň eteginde seleňläp oturan bu şäher birnäçe dürli görnüşdäki halkara forumlary kabul etdi.

Şu ýyl Arkadag şäheri ýene-de bir möhüm wakany – Medeniýet hepdeligini kabul etdi. ■ 2



# MEDENIÝET HALKYŇ KALBY, MILLETIŇ MERTEBESIDIR

25-nji iýunda paýtagtymyzda Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrliginiň «Dokmaçylar» medeni merkeziniň açylyş dabarasy boldy.

Bu çäre «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» şygary astynda geçýän ýylda ýurdumyzyň medeniýet ulgamyny ösdürmek boýunça türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyçlarynyň hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň nobatdaky güwäsi boldy.

Şanly waka mynasybetli bu ýere köp sanly ildeşlerimiz ýygnandylar.

«Dokmaçylar» folklor-etnografiýa topary tarapyndan halkymyzyň gadymy däpleriniň öwüşginlerini özünde jemleýän ajaýyp tanslar ýerine ýetirilip, bu ýerdäki wakalara aýratyn ruhubelentlik bagyşlaýan aýdym-sazlar ýaňlanýar.

Soňra sanly ulgam arkaly türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy bu möhüm waka mynasybetli gutlag sözleri bilen çykyş etdi.

Gahryman Arkadagymyz ýygnananlary mübärekläp, biz şu gün Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni, şeýle hem şahyryň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrliginiň «Dokmaçylar» medeni merkeziniň döwrebap binasynyň açylyş dabarasyna gatnaşýarys diýip belledi. Bu şatlykly waka Arkadag şäherinde geçirilýän Medeniýet hepdeliginiň dabaralary bilen utgaşyp geldi.

Milli Liderimiz bu merkeziň geljekde türkmen medeniýetini we sungatyny ösdürmekde, dünýä tanatmakda möhüm ähmiýete eýe boljakdygyna ynam bildirip, halkyň ruhy galkynyşynda, beýik ösüşlerimizi wasp etmekde medeniýete we sungata uly ornuň degişlidigini belledi.

Türkmen medeniýetiniň we sungatynyň häzirki belent derejelere ýetmegi üçin ençeme şahsyýetlerimiz yhlasly zähmet çekdiler, halypa-şägirtlik ýoluny dowam etdirdiler. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň halk artisti, Magtymguly adyndaky halkara baýragyň eýesi Jemal Saparowanyň türkmen sungatynyň belent sepgitlere ýetmeginde mynasyp paýy bellenildi. Ol sungat ýolunda aýdymçy, tans goýujy, kompozitor hökmünde halkyň ýüreginde orun alyp, milli medeniýetimizi hem-de sungatymyzy ösdürmekde köp hyzmatlary bitirdi. Görnükli halypalaryň ýoluny ýöretmegi, Magtymguly Pyragy ýaly söz ussatlarynyň eserlerine döreden aýdymlary onuň sungatynyň has-da rowaçlanmagyna getirdi.

Gahryman Arkadagymyz Jemal Saparowa ýüzlenip, mukaddes Garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllarynda ýurdumyzda folklor, etnografiýa, aýdym-saz, tans studiýasynyň açylandygyny ýatlady. Şol ýyllarda Siziň janypkeşligiňize, sungata tüýs ýürekden berlendigiňize has ýakyndan şaýat bolmagyma mende-de mümkinçilik döräpdi. Şol ýyllaryň ýeňil bolmadyk şertlerinde sungatymyzy milli äheňde, milli ruhda dowam etdirmekde, joşgunly çykyşlaryňyz bilen halkymyzy döredijilikli zähmete ruhlandyrmakda uly işleri alyp bardyňyz. Siz milli saz gurallarymyzda ýerine ýetiren çykyşlaryňyz, «Gyzlar», «Heserli», «Çapak», «Köne güzer», «Bilezik» ýaly tanslaryňyz bilen halkymyzyň däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny açyp görkezmegi başardyňyz. Siziň ýolbaşçylygyňyzdaky «Dokmaçylar» folklor-etnografiýa topary şol geçen ýyllaryň dowamynda baý tejribe toplamak bilen, Diýarymyzda tutulýan tutumly toý-baýramlaryň, iri desgalaryň açylyş dabaralarynyň bezegine öwrüldi. Biz «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda geçirilýän dabaralarda hem muňa ýene-de bir gezek şaýat bolýarys diýip, Gahryman Arkadagymyz belledi.

Öz sungatyň bilen halka hyzmat etmek bilen bir hatarda guramaçylyk, ýolbaşçylyk işlerini alyp barmak, ýaşlara halypalyk edip, olary döredijilige ugrukdyrmak tutanýerli zähmeti, yhlaslylygy talap edýär. Jemal Saparowa hut şeýle jogapkärli işleriň hem hötdesinden gelmegi başarýar diýip, Gahryman Arkadagymyz sözüni dowam etdi.

Milli Liderimiz Jemal Saparowanyň halypa hökmünde köp sanly şägirtleri ýetişdirendigine ünsi çekdi. Onuň ýetişdiren şägirtleri bu gün ussat çykyp, «Türkmenistanyň at gazanan artisti», «Türkmenistanyň halk artisti» diýen derejelere, abraýly döwlet sylaglaryna, baýraklara mynasyp boldular. Biz muňa tüýs ýürekden guwanýarys diýip, Gahryman Arkadagymyz nygtady.

Halypa bagşynyň milli tans sungatymyzy ösdürmekdäki hyzmaty hem uludyr. Her bir aýdymyň özüne mahsus manysyny tanslaryň üsti bilen tomaşaça ýetirmekde «Dokmaçylar» topary uly ussatlyk görkezýär. Bilşimiz ýaly, öz döwründe Maýa Kulyýewa, Medeniýet Şahberdiýewa, Nabat Nurmuhammedowa, Roza Töräýewa, Annagül Annakulyýewa we beýleki köp zehinli zenan halypalarymyz halkymyzyň öňünde uly hyzmatlary bitirip, milli sungatymyzyň taryhynda öçmejek yz galdyrdylar. Biz halypa bagşy Jemal Saparowanyň döredijiliginde öňden gelýän bu asylly ýoluň dowamatyny görýäris diýip, türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow aýtdy.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallasy bilen paýtagtymyzda ýene-de bir ajaýyp bina guruldy. Bu döwrebap täze bina «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylyna mynasyp sowgat boldy. Häzirki wagtda Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrliginiň «Dokmaçylar» medeni merkeziniň «Dokmaçylar» folklor, etnografiýa, aýdym-saz we tans toparynyň düzüminde ýüzlerçe adam zähmet çekýär. Bu merkezde olaryň döredijilikli, döwrebap şertlerden peýdalanyp işlemekleri üçin ähli şertler döredildi. Binagärligiň milli hem-de döwrebap äheňleriniň sazlaşygynda gurlan täze bina hakyky sungat köşgi bolar diýip, Gahryman Arkadagymyz belledi.

Çykyşynyň dowamynda Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow pursatdan peýdalanyp, şu günki dabara bagyşlan «Jemal bagşy Siz» atly goşgusyny okady.

*Giň jahanyň görki bahar-ýazdadyr,*
*Ojaklaryň berki halal duzdadyr,*
*Ýaşaýşyň ýakymy aýdym-sazdadyr,*
*Tutumly toýlaryň bezeg-nagşy Siz!*
*Kämile gol beren Jemal bagşy Siz!*

*Beýik döwre joşgun, taryp ýaraşar,*
*Diýaryma täze taryh ýaraşar,*
*Parahatlyk sungat bilen gül açar,*
*Watana söýgüde belent bagtyňyz,*
*Ýaş nesle nusgalyk Jemal bagşy Siz!*

Sanly ulgam arkaly çykyşynyň ahyrynda Gahryman Arkadagymyz hemmeleri Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni, şeýle hem paýtagtymyzyň gözel künjeginde gurlan «Dokmaçylar» medeni merkeziniň açylmagy bilen tüýs ýürekden gutlap, ýygnananlara berk jan saglyk, uzak ömür, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň saýasynda sungat äleminde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Ýygnananlar soňra hormatly Prezidentimiziň dabara gatnaşyjylara iberen Gutlagyny uly üns bilen diňlediler. Gutlagda döredijilik işgärleri üçin bu sungat merkeziniň gurulmagy milli medeniýetimiziň we sungatymyzyň baýlaşmagyna hem-de mundan beýläk-de belent sepgitlere ýetmegine möhüm şert döreder diýlip bellenilýär.

Jemal Saparowa döredijiligine beren ýokary bahasy üçin Gahryman Arkadagymyza tüýs ýürekden hoşallygyny bildirip, häzirki günde milli medeniýetimizi ösüşiň täze sepgitlerine çykarmaga uly itergi berilýändigini belledi. Bu ulgamdaky döwlet syýasaty jemgyýetimizi ruhy-medeni taýdan hemmetaraplaýyn ösdürmäge, pederlerimiziň bize goýan mirasyny aýawly saklamaga, halkymyzyň gadymdan gelýän däp-dessurlaryny, ene dilimizi gorap saklamaga we dowamata atarmaga gönükdirilendir.

Şatlykly pursat ýetip gelýär. Hormatly ýaşulular «Dokmaçylar» medeni merkeziniň täze binasynyň baş girelgesiniň öňüne gelýärler we çärä gatnaşyjylaryň şowhunly el çarpyşmalarynyň astynda toý bagyny kesýärler.

Çykyş edenler döwlet Baştutanymyzy we Gahryman Arkadagymyzy ähli tagallalaryny hem-de zehinini Watanymyzyň abadançylygyna we gülläp ösmegine, halkymyzyň öçmejek ruhy däp-dessurlaryny Türkmenistanyň häzirki we geljekki nesilleri üçin gorap saklamaga, dowam etdirmäge gönükdirjekdiklerine ynandyrdylar.

Dabara gatnaşyjylar merkeziň binasyny synladylar. Onuň daşky keşbinde we içki bezeginde häzirki zaman arhitekturasynyň we dizaýnynyň gazananlary, milli binagärlik däpleri üstünlikli utgaşýar.

Binada giň gerimli forumlary we şowhunly çykyşlary geçirmek üçin 420 orunlyk uly konsert zaly, tans zallary, döwrebap türgenleşik enjamlary bilen üpjün edilen fitnes-sport zaly, öňdebaryjy ses enjamlary bilen enjamlaşdyrylan ses ýazgylary studiýasy ýerleşýär.

Medeni merkeziň eýwanynda «Dokmaçylar» folklor-etnografiýa tans toparynyň sahna lybaslarynyň we bezegleriniň sergisi guraldy. Dürli ýyllarda geçirilen dabaraly çärelere we konsert maksatnamalaryna gatnaşmak üçin tikilen lybaslar türkmen medeniýetiniň däpleri we özboluşlylygy arkaly folklor keşpleri bilen tanyşmaga mümkinçilik berýär.

## ARKADAG ŞÄHERI – BUÝSANJYMYZ

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Täzeçil tehnologiýalaryň esasynda bina edilen bu şäherde medeniýet we sungat işgärleriniň işlemekleri üçin zamanabap mümkinçilikler we şertler döredildi. Arkadag şäheriniň Aman Gulmämmedow adyndaky döwlet drama teatry, Arkadag şäheriniň Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirki, Döwletmämmet Azady adyndaky Arkadag şäher kitaphanasy, Arkadag şäheriniň Taryhy we ülkäni öwreniş muzeýi, Sahy Jepbarow adyndaky Arkadag şäher ýörite sungat mekdebi hem-de Şükür bagşy adyndaky Arkadag şäher çagalar sungat mekdebi medeniýet we sungat işgärleriniň döwrebap binalarynyň üstüni ýetirdi.



Meýilnama laýyklykda, Medeniýet hepdeliginiň çäklerinde «Älem nury» atly sahna oýnunyň görkezilişi, şygryýet agşamy, medeniýet we sungat ussatlarynyň şowhunly çykyşlary, «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» atly bäsleşigiň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy, «Kompozitor» filminiň görkezilişi boldy.

Ozal hem halkara derejesinde birnäçe medeni forumlar guralan Arkadag şäherinde «Arkadagyň säheri» atly halkara kinofestiwal guralyp, bu çärä Türkiýeden Burak Özçiwit, Mehmet Bozdag, fransiýaly Eduard Montut, şeýle hem Gazagystandan, Gyrgyzystandan, Russiýadan, Täjigistandan we Özbegistandan meşhur aktýorlar hormatly myhman hökmünde gatnaşdy.



Arkadag şäherinde Oba hojalyk uniwersitetiniň binalar toplumynyň, önümçilik maksatly desgalaryň, çagalar seýilgähiniň we beýleki ençeme desgalaryň gurulmagy bilen, özboluşly binagärlik we «smart-siti» tehnologiýa çözgütleri bilen tapawutlanýan bu şäheriň görki has-da artar.

Häzirki wagtda Arkadag şäheri senagat taýdan hem ösen şäherleriň birine öwrülmek ugrunda ynamly öňe barýar. Eýýäm bu şäherde ekologiýa taýdan arassa lukmançylyk enjamlaryny öndürmek maksady bilen 100 gektar meýdanda döwrebap lukmançylyk klasteri döredildi. «Arkadag Medisina Klasteri Menejment» kärhanasynyň döredilip, onda saglygy goraýyş ulgamynda gündelik ulanylýan bir gezeklik lukmançylyk serişdeleriniň, agyz-burun örtükleriniň we beýleki lukmançylyk serişdeleriniň öndürilmegi halkymyzyň bu serişdelere bolan islegini doly kanagatlandyrmaga giň mümkinçilikler döredýär.

Şeýle hem innowasion çözgütleriň jemlenen şäheri bolan Arkadag şäheri ahalteke atçylygynyň hem merkezine öwrüldi. Ahalteke bedewleriniň gadymy mekany hasaplanýan ajaýyp künjekleriň birinde türkmen halkynyň Milli Lideriniň ägirt uly tagallalarynyň netijesinde Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy, Atçylyk ylmy-önümçilik merkezi, Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirki, Halkara ahalteke atçylyk sport toplumy hem-de 600 baş bedewe niýetlenen döwrebap athana toplumy bar.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

**Tawus ESENMÄMMEDOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň Aşgabat şäherindäki Agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.*

## PYRAGYNYŇ DÖREDIJILIGI – EBEDI MIRAS

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Şonuň üçin Magtymguly Pyragynyň medeni mirasynyň hukuk taýdan öwrenilişi möhüm meseleleriň biridir.

Magtymguly Pyragynyň poeziýasy türkmen halkynyň ruhy gymmatlyklarynyň aýnasydyr. Şahyryň eserleri diňe bir edebiýatda däl, eýsem, halkyň taryhynda, medeniýetinde we jemgyýetçilik durmuşynda hem uly ähmiýete eýedir. Şahyryň goşgulary halkyň başdan geçiren kynçylyklaryny, arzuwlaryny we ruhy dünýäsini beýan edýär. Şahyryň döredijiligi türkmen milli özboluşlylygynyň we edebi mirasynyň bir bölegi bolup durýar.

«Magtymguly Pyragynyň medeni mirasy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny taýýarlanyldy. Kanun Gündogaryň akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň medeni mirasyny toplamak, ylmy taýdan barlamak, aýawly saklamak, goramak, öwrenmek, wagyz etmek ulgamynyň kämilleşdirilmeginiň hukuk esaslaryny belleýär.

Mälim bolşy ýaly, 7-nji iýunda hormatly Prezidentimiz «Magtymguly Pyragynyň medeni mirasy hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna gol çekdi. Munuň özi halkymyzda çäksiz hoşallyk duýgusyny döretdi.



Kanunyň «Magtymguly Pyragynyň medeni mirasy babatda döwlet syýasaty» atly 1-nji maddasynda bellenilişine görä, Magtymguly Pyragynyň medeni mirasy milli medeni gymmatlyk hökmünde döwletiň we türkmen halkynyň ruhy hazynasy diýlip ykrar edilýär. Şeýle hem beýik söz ussadynyň agzybirlik, jebislik, adamyň we raýatyň hukuklary, azatlyklary, döwletlilik, adalatlylyk, hoşniýetlilik, ynsanperwerlik, raýdaşlyk, watansöýüjilik, merdanalyk, zähmetsöýerlik, ahlaklylyk, maşgala gymmatlyklary barada garaýyşlary, öwüt-ündewleri türkmen halky, esasan-da, ýaş nesiller üçin ýörelgedigi kanun esasynda berkidilýär.

Häzirki döwürde hem her bir türkmen öýünde Magtymguly Pyragynyň şygyr diwanlary bar, goşgulary okalýar, ýaş nesillere şol şirin dilli şygyrlaryň öwüt-ündewleri bilen terbiýe berilýär. Şahyryň şygryýet gory deňsiz-taýsyz hazyna, ol dünýä ýüzüni haýran eden edebi hem ebedi miras.

Bu gün biz ýurdumyzda amal edilýän il-ýurt bähbitli işleriň netijesinde «Göterildi ol ykbaly türkmeniň!» diýip, buýsanç bilen aýdýarys. Türkmen halky hemişe öz danasyna uly sarpa goýup geldi. Onuň edebi mirasyny arzylap, asyrlardan-asyrlara aşyryp, dilden-dile, nesilden-nesle, ýüreklerden-ýüreklere geçirdi we şu günümize getirdi. Gahryman Arkadagymyz «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» atly şygrynyň üsti bilen, beýik akyldara goýulýan sarpany Arşyň deňine ýetirdi. Magtymguly Pyragynyň edebi mirasyny, şahyryň köptaraply filosofik döredijiligini giňişleýin we çuňňur öwrenmek, ony dünýä ýaýmak, ýaş nesillerimize kämil görnüşde ýetirmek ugrunda uly tagallalar edilýär. Bu bolsa halkymyzyň öz beýik şahyryna goýýan belent sarpasynyň nyşanydyr.

**Maral NURLYÝEWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň uly mugallymy.*

## HÜNÄR EÝESI BOLMAK

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen ylym-bilim ulgamynda amala aşyrylýan düýpli özgertmeler ýurdumyzyň durnukly ösüşinde oňyn netijelerini berýär. Häzirki wagtda bu ulgamy hemmetaraplaýyn ösdürmek we onuň gazananlaryny netijeli ulanmak, jemgyýetiň intellektual kuwwatyny artdyrmak ýaly meseleler döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň birine öwrüldi.

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen bilim ulgamy döwrebap ösüşlere eýe boldy. Esasan hem, döwrüň iň täze gazananlaryndan ugur alnyp, sanly bilim ulgamy ösdürildi. Eziz Diýarymyzda sanly bilim ulgamyny ösdürmekde uly işler alnyp barylýar, iň täze, döwrebap mekdepler gurlup ulanmaga berilýär.



Hormatly Prezidentimiz «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly kitabynda şeýle belleýär: «Ýaşlary watançylyk ruhunda terbiýelemek, olaryň ýokary hilli bilim almagy, döredijilik, sport bilen meşgullanmagy, ukyp-başarnyklaryny doly ýüze çykarmagy üçin ähli şertleri döretmek, giň gözýetimli, ösen tehnologiýalardan oňat baş çykarýan hünärmenleriň neslini kemala getirmek, ýaşlarda halallyk, maşgala gymmatlyklaryna ygrarlylyk ýörelgelerini terbiýelemek, mundan beýläk-de belent borjumyz we baş maksadymyz bolmalydyr».

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary esasynda eziz Diýarymyzda hemmetaraplaýyn ösen, kämil ýaşlary terbiýelemek meselesine düýpli we köptaraplaýyn çemeleşilýär.

Häzirki günlerde ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde uçurym dabaralary geçirilip başlandy. Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllyk ýubileýi dabaraly bellenilýän ýylynda ýokary okuw mekdepleri tamamlaýan ýaşlar ýaş hünärmen hökmünde öz täze durmuş ýoluna gadam basýarlar.

Ýurdumyzyň dürli ulgamlary üçin ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamaga uly goşant goşup gelýän baýry bilim ojaklaryň biri hem Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutydyr. Bilim ojagynda okaýan talyplar uçurym bolmak bilen ýurdumyzyň bilim ojaklarynda we beýleki edaradyr kärhanalarda öz zähmet ýoluny dowam etdirip, ýurdumyzyň ösüşine mynasyp goşandyny goşarlar.

TMDDI-niň uçurymlary bolan geljekki mugallymlar, dilçi ýaşlar saýlap alan mugallymçylyk kärinde irginsiz zähmet çekip, ösüp gelýän ýaş neslimize ylym-bilim öwretmekde saldamly goşandyny goşmak ugrunda tagalla ederler.

Köp dil öwrenmek we ony ýaş nesle öwretmek kämilligiň aýdyň beýanydyr. Dil bilmegiň ähmiýeti örän uly bolup, ol halkara gatnaşyklarynyň, diplomatiýanyň işjeň serişdesidir. Dünýäniň dürli künjeklerinden gelýän myhmanlary maksadalaýyk garşy almak, olar bilen işewür gatnaşyklary ýola goýmak, bu ugurda ýüze çykýan soraglary çözmek üçin dürli dilleri öwrenmegiň ähmiýeti uludyr. Şonuň ýaly-da, dünýäniň ylmy edebiýatlary bilen tanyşmak üçin hem daşary ýurt dillerini bilmek möhümdir. Şeýlelikde, daşary ýurt dilini öwredýän mugallymlaryň we hünärmenleriň öňünde birnäçe pedagogik wezipeler durýar. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen 2017-nji ýylda Türkmenistanyň bilim-ylym ulgamyny okgunly ösüşlere gönükdirýän möhüm resminama, ýagny «Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasy» kabul edildi. Konsepsiýada Türkmenistanda daşary ýurt dilleriniň okadylyşynyň häzirki ýagdaýy, Konsepsiýanyň maksady we wezipesi, daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň esasy ugurlary, daşary ýurt dillerini okatmak boýunça hyzmatdaşlyk, resminamany durmuşa geçirmegiň esasy tapgyrlary, onuň durmuşa geçirilişini maliýeleşdirmek we ondan garaşylýan netijeler beýan edilendir.

Biz hem Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ösüşleriň berk binýady bolan ylym-bilim ulgamynda alyp barýan işleriniň mydama rowaç almagyny, janlarynyň sag, ömürleriniň uzak, belent başlarynyň aman bolmagyny arzuw edýäris!

**Döwran ANNANEPESOW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.*

## MEDENIÝET – milletiň ruhy aýnasy



**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Umuman, 2013-nji ýyldan bäri yzygiderli guralýan medeni forum umumadamzat gymmatlyklarynyň genjihazynasyna uly goşant goşan halkymyzyň taryhy-medeni mirasy bilen ýakyndan tanyşmaga mümkinçilik berip, ýurdumyzda giňden bellenilýän Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet gününe gabatlanyp geçirilýär. Ol döredijilik işgärleriniň hünär taýdan kämilleşmegine, täze zehinleri ýüze çykarmaga, ilatyň medeni derejesini artdyrmaga itergi berýär. Bu döredijilik baýramy şanly waka hökmünde Garaşsyz Türkmenistanyň täze taryhynda mynasyp orun eýeleýär. Ýurdumyzyň sebitleriniň her biri Medeniýet hepdeligini nobatma-nobat kabul etmek bilen, Watanymyzyň ösüşine goşýan goşandyny, döredijilik kuwwatyny görkezmäge çalyşýar.

**Muhabbet DÖWLETOWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN
ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Iýun aýynyň 28-i, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-114272
Belgisi: 26/1592
Tiražy: 9031
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Suwasty demir ýol tunneli gurulýar

Daniýanyň Koroly Frederik X Baltika deňziniň düýbünden geçjek 18 kilometrlik tunneliň ilkinji böleginiň düýbüniň tutulyş dabarasyna gatnaşdy. Bu suwasty ýol 2029-njy ýylda dolulygyna ulanmaga berler. Şeýlelikde, içinden dünýäniň iň uzyn suwasty demir ýoludyr awtoulag ýoly geçýän tunnel Daniýa bilen Germaniýany birleşdirer. Mundan başgada, Femarnbelt tunneli Skandinawiýa ýurtlary bilen Merkezi Ýewropanyň arasyndaky ýoly ep-esli gysgaltmaga mümkinçilik berer. Häzirki wagtda bu ýol gämi bilen 45 minut wagt alýan bolsa, tunnel işe girizilenden soň otly bilen bary-ýogy 7 minut wagt alar. Ol Daniýanyň Rýodbýu şäherini Germaniýanyň Puttgarden şäheri bilen birleşdirer, soňra awtoulag ýoly we demir ýol arkaly Merkezi Ýewropa gidip bolar.

Korol Frederik X Daniýa tarapyndaky deňziň düýbüne goýuljak tunneliň ilkinji 217 metrlik böleginiň girelgesindäki tabliçkany açdy. Bu ugry gurýan «Sund & Baelt» kompaniýasynyň wekilleri munuň şu wagta çenli gurlan iň uzyn suwasty tunnel boljakdygyny aýdýarlar. Awtoulaglaryň Baltika deňziniň içinden 10 minutda, otlularyň bolsa, 7 minutda geçmegine garaşylýar.

2011-nji ýylda Daniýanyň günortasyndaky Lolland adasy bilen Germaniýanyň demirgazygyndaky Femarn adasynyň arasynda tunnel gurmak barada karar kabul edilipdi. Daniýa tarapyndaky işlere 2022-nji ýylyň iýul aýynda, Germaniýa



tarapyndaky işlere bolsa bir ýyl giç başlandy. Femarn ugrunyň bahasy 55,1 milliard kron (4,8 milliard ýewro) bolar.

Soňky ýyllarda Daniýa goňşusy Şwesiýa bilen hem-de özüniň iki uly adasynyň arasynda awtoulag ýoluny we demir ýol aragatnaşygyny ösdürýär. 2000-nji ýylda Oresunn bogazyndan geçýän köpri we tunnel Kopengageni Şwesiýanyň üçünji uly şäheri Malmö bilen birleşdirdi. 1998-nji ýylda Fýun adalarynyň arasynda awtoulag ýoly açylyp ulanmaga berildi. Şondan bir ýyl öň bolsa, demir ýol açylypdy.

# NOTR-DAM BINASY AÇYLAR

Notr-Dam binasy Parižde guraljak Olimpiýa oýunlaryna çenli doly dikeldilip ýetişmez. Ýöne Fransiýanyň häkimiýetleri ybadathananyň dekabr aýynda täzeden açyljakdygyny habar berdiler. Bäş ýyl ozal Fransiýanyň paýtagtynyň esasy nyşanlaryndan biri bolan Notr-Damda güýçli ýangyn döräp, onuň agaç üçegini, sagadyny we gümmezini doly ýok edipdi.



Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makron ybadathananyň bellenen möhletde dikeldiljekdigini aýtdy. Fransuz häkimiýetleri Notr-Damyň abatlaýyş işleriniň bäş ýylyň içinde tamamlanjakdygyny belläpdiler. Bilermenler 2019-njy ýylyň 15-nji aprelinde ybadathanada dörän ýangynyň sebäplerini gözleýärler. Ýakyn günlerde bilermenleriň täze netijeleri hödürlener.

Notr-Dam binasynyň durkunyň täzelenmegi çalt depginde alnyp barlyp, häzir ol ýerde iň soňky abatlaýyş işleri ýerine ýetirilýär. Daş diwarlar we mermer düşelen pollar öňki katdyna getirildi. Şeýle hem 33 metr beýiklikde, ybadathananyň gümmezinde alnyp barylýan işler tamamlanyp barýar. XIX asyrda ybadathanany abatlan arhitektor Wiolle-le-Dýuk tarapyndan döredilen «Eli bäbekli Bibi Merýem» atly surat öňki ýerinde goýuldy. Notr-Dam binasy 8-nji dekabrda köpçülige açylar, ýöne 26-njy iýuldan 11-nji awgust aralygynda guralýan Olimpiýa oýunlaryna gatnaşyjylar we myhmanlar ajaýyp binany diňe daşyndan synlap bilerler.

# DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

**gysga setirlerde**

▶ **Perli awtoulagyň ilkinji uçuşy.** Hytaýda «Voyager X2» awtoulagynyň ilkinji uçurylyşy boldy. Guşuçar belentlikden uçýan ulag, Pekiniň Dasin howa menzilinden ýokary göterildi diýip, ýurduň metbugaty mälim etdi. «Xpeng Huitian» kompaniýasy özüniň ilkinji seriýalaýyn önümini şu ýylyň ahyrynda sargyt edip boljakdygyny mälim etdi.



▶ **Smartfony kamera öwürýär.** Hytaý startapy «Sneaki Design» häzirki zaman smartfonynyň islendigini professional kamera öwürmäge niýetlenen «SwitchLens» aksessuaryny hödürledi. Bu enjamda ýokary durulykdaky suratlary we wideolary düşürmäge mümkinçilik berýän «Micro Four Thirds» (M43) obýektiwi hem-de 1 dýuýmly «Sony Type 1» sensory ulanylýar.



▶ **Geljekde smartfon ulanylmaz.** Uzak geljekde adamlar telefonlardan ýüz öwrerler hem-de beýni implantlarynyň kömegi bilen gepleşerler. Meşhur işewür Ilon Mask geljegi şeýle çaklaýar, ol bu barada özüniň jemgyýetçilik ulgamyndaky sahypasynda ýazdy. «Geljekde telefon bolmaz, diňe «Neuralink» bolar» diýip, işewür belledi.



# GÜN ELEKTRIK BEKEDI IŞE GIRIZILDI

Hytaýda «Midong» atly dünýäniň iň uly Gün elektrik stansiýasy işe girizildi. Ýurduň Sinszýan etrabynyň demirgazyk-günbatarynda, Urumçiniň golaýynda ýerleşýän 3,5 GWt kuwwatly bu toplum 133,5 inedördül metr meýdany eýeleýär we 5,26 milliondan gowrak monokristally ikitaraplaýyn Gün panellerini öz içine alýar. Döwlete degişli «China Green Electricity Investment of Tianjin» kompaniýasy tarapyndan gurlup ulanmaga berlen bu taslama 15,45 milliard ýuandan gowrak (2,13 milliard dollar töweregi ) maýa goýuldy.



«Gün elektrik stansiýasy her ýylda 6,09 milliard kWt/sagat elektrik öndürmäge ukyplydyr. Bu möçberdäki elektrik energiýasy 9 million ilatly Papua-Täze Gwineýanyň ätiýaçlyklaryny kanagatlandyrmaga ýeterlikdir» diýip, bilermenler belleýärler. Şonuň ýaly hem bu möçber bir ýylda 2 million elektroulagy işletmäge ýeterlikdir.

«Midong» indi 455 GWt kuwwatly ýel-Gün toplumyny döretmek babatda uly göwrümli taslamanyň bir bölegine öwrüldi. Taslama Hytaýyň 2060-njy ýyla çenli uglerodyň bitaraplygyny gazanmak ugrundaky tagallalarynyň bir bölegidir.

# Iki müňden gowrak laçyn goýberildi

Laçynlary gorap saklamak boýunça maksatnamanyň çäklerinde soňky 30 ýylda iki müňden gowrak laçyn tebigy ýerlere goýberildi. Bu başlangyç Birleşen Arap Emirlikleriniň ilkinji Prezidenti Şeýh Zaid bin Sultan Al Nahaýýan tarapyndan 1995-nji ýylda ýola goýuldy. Bu ýyl maksatnama 30-njy möwsümini tamamlaýarka, 63 laçyn, şol sanda, 38 gök bähri, 25 ütelgi Gazagystanyň, Russiýanyň, Hytaýyň, Mongoliýanyň we goňşy ýurtlaryň käbir ýerlerini öz içine alýan sebitlerine goýberildi.

Bu sebitler laçynlar üçin amatly ýaşaýyş gurşawy hasaplanýar. Bu goýberiliş Gazagystanyň Oba hojalyk ministrliginiň Tokaý hojalygy we ýabany tebigat komitetiniň gözegçiligi astynda guraldy. Abu-Dabi we BAE tebigaty we ýabany jandarlary goramak, esasan hem, ekologik, medeni we taryhy ähmiýete eýe bolan laçynlaryň we beýleki ýabany jandarlaryň görnüşlerini gorap saklamak boýunça halkara derejesinde ykrar edilen tagallalarda öňdeligini dowam etdirýärler.

Şeýh Zaidiň laçynlary goýbermek maksatnamasyna degişli guşlaryň ählisi weterinariýa barlaglaryndan we intensiw taýýarlyklardan geçirildi. Adaty identifikasiýa halkalaryndan başga, ähli guşlara elektron çipler berkidildi.



Guşlaryň käbiri Gün energiýasy bilen işleýän batareýalar arkaly hemra birikdirilen yzarlaýyş enjamlary bilen üpjün edildi. Bu olaryň diri galmagynyň derejesini, ýaýraýan we göçýän ugurlaryny yzarlamaga, şeýle hem laçynlaryň amatly ýerleri saýlamagyny gowulandyrmak üçin ulanylýan ylmy maglumatlary toplamaga mümkinçilik berýär.

# TARYHDA ŞU GÜN

1946-njy ýylyň 28-nji iýunynda şol döwürde W.M. Molotowyň adyny göterýän Gorkiý awtoulag zawodynda 50 at güýji, 4 silindrli hereketlendirijisi bolan 5 orunlyk GAZ-M-20 «Pobeda» ýolagçy awtoulaglarynyň ilkinji tapgyry ýygnaldy. Gorkiý awtoulag zawodynda 1958-nji ýyla çenli jemi 240 müňden gowrak «Pobeda» awtoulagy öndürildi.



**OKAŇ, DYNÇ ALYŇ!** Deňiz suwunda ortaça 3,5 göterim natriý hloridi bar. Başgaça aýdylanda, 1 litr deňiz suwunda 35 gram duz saklanýar.



# Maýami Biç – dynç alyş kenarlarynyň şäheri

Tomus paslynda adamlar haýsydyr bir şähere gidip, dynç almagy meýilleşdirýärler. Gidilmegi meýilleşdirilýän şäher ýerleşýän ýerine, myhmanhana hyzmatlaryna we tebigatyna görä saýlanýar. Esasan hem, syýahatçylar tomus paslynyň yssy günlerini dynç alyş kenarlary bolan şäherlerde geçirmegi gowy görýärler. Käbir şäheriň bir kenaryny deňiz ýuwýan bolsa, käbir şäher deňziň içinde ýerleşýär. Şeýle şäherleriň biri hem Maýami Biçdir.

«Güneşli ştatyň» günortasyna – dynç alyş kenarlarynyň merkezi Maýami Biç şäherine hoş geldiňiz! Florida ştatynyň günortasyndaky ada şäheri ak çägeli owadan kenarlary bilen syýahatçylary özüne çekýär. Maýami Biç demirgazyk kenarýaka, orta kenarýaka we iň meşhury günorta dynç alyş kenary ýaly 3 sany dynç alyş merkezini özünde jemleýär. 143 müň inedördül kilometr meýdany tutýan Maýami Biç binagärlik gurluşygy bilen hem görenleri haýran galdyrýar. Bu şäherde deňiz arhitekturasynyň owadan nusgalaryny görmek bolýar. «Okean Drive» köçesiniň ugrundaky restoranlarda açyk howada naharlanmak, «Wynwood Walls» sungat meýdançasynda aýlanmak, «Jungle Island» suw seýilgähinde gaýykly gezelenç etmek, «Erkinlik diňi» binasyndaky muzeýi gözden geçirmek, amerikan ýazyjysy Ernest Hemingueýiň ýaşan öýüne barmak syýahatçylarda ýatdan çykmajak täsirleri galdyrýar.



1915-nji ýylyň 26-njy martynda döredilen Maýami Biç şypahana şäheri hökmünde tanalýar. 1979-njy ýylda Maýami Biçiň «Art Deco» etraby taryhy ýerleriň milli sanawyna girizildi. Latyn Amerikasynyň we Karib deňzi ýurtlarynyň täsiri netijesinde Maýami Biçde özboluşly däp-dessurlar hem-de medeniýetler emele gelipdir. Maýami Biçde her ýylyň iýun aýynda hemmäniň sabyrsyzlyk bilen garaşýan «Art Bazel» festiwaly geçirilýär. Medeniýet we sungat adamlarynyň iň gelim-gidimli ýerine öwrülýän festiwalda heýkeldir kartinalardan başlap, 3 ölçegli sungata degişli birnäçe nusgalar köpçüligiň dykgatyna hödürlenýär. Şäheriň Bal Harbour etraby hem sungatyň we söwda dükanlarynyň ösen merkezi hasaplanýar.

Güneşli ştatyň ada şäheri gijesine has-da owadan görünýär. Maýami Biçiň ak kenarlaryna her ýyl millionlarça syýahatçy gelýär. Ada şäherinde ösen aşhana hyzmatlaryny hödürleýän «Mişelin» ýyldyzly restoranlaryň birnäçesi bar. Şäherde 44 sany seýilgäh, 2 sany golf meýdançasy, 2 tennis merkezi, şäheriň bir çetinden beýleki çetine barýan suw ýoly, köp sanly howuz we buzly meýdançalar bar.

Maýami Biç «Scarface» (1983 ý.) filminden we «Guşlar» (1996 ý.) komediýasyndan soň meşhur şäherleriň birine öwrülýär.

# ÝYLYŇ SPORT MODASY



**Soňky ýyllarda adamlaryň aglaba bölegi sport bilen meşgullanmaga uly üns berip, sagdyn durmuş ýörelgesine eýerýär. Öýde, açyk howada, türgenleşik meýdançalarynda, sport zallarynda, umuman islendik ýerde sport bilen meşgullanmak özüňi fiziki we ruhy taýdan has gujurly duýmaga mümkinçilik berýär. Dünýäde her möwsüm sport bilen türgenleşmegiň täze modasy döredilýär. Moda türgenleşik görnüşlerini we usullary özünde jemleýän hereketlerden düzülýär. Bu ýyl sport türgenleşiklerinde näme moda? Geliň, fitnes tälimçileriniň hödürleýän täze türgenleşik usullary bilen tanyş bolalyň!**

Sport enjamlarynyň we sport bilen meşgullanmagyň dürli görnüşleridir usullarynyň bardygyna garamazdan, ýylyň-ýylyna ýene-de täze usullar ýüze çykýar. Hatda ol usullar ýylyň sport modasyna öwrülýär. Şu ýyl diwar pilatesleri (hereket ulgamynyň, dem almagyň we deňagramlylygyň utgaşmasy) ýylyň sport modasy bolup, biz muny «diwar maşklary» diýip hem alyp bileris. Bu maşklar sport enjamlary ulanylmazdan ýerine ýetirilip, esasan, diwardan peýdalanylýar. Bedeniň çydamlylygyny güýçlendirýän diwar maşklary öýde ýerine ýetirmek üçin amatly hasaplanýar.

– Diwar maşklaryny ýerine ýetirmek üçin sport enjamlary zerur däl. Diwaryň hapalanmazlygy üçin ýüzüne mata tutup, maşklara başlabermeli – diýip, sport hünärmenleri belleýärler. Pilates ýönekeýje maşklardan başlap, çylşyrymly, hatda ýerine ýetirmesi kyn maşklara çenli dowam edip biler. Diwar maşklaryny dogry ýerine ýetirmek esasy şertleriň biri bolup, türgenleşiji diwara daýanmak bilen eli ýa-da aýagy bilen dürli hereketleri edýär. Ýalňyş hereketler myşsalaryň süýnmegine, bogunlara zeper ýetmegine getirip bilýär. Şol sebäpli diwar maşklaryny saglyk ýagdaýyňa hem-de başarnygyňa görä ýerine ýetirmeli. Pilates deňagramlylygy saklamagy talap edýän, bedeniň ähli myşsalaryny herekete getirýän, bil-oňurga süňklerine peýdaly sport görnüşidir.

**Sport hünärmenleriniň maslahaty:**

☑ Diwar maşklaryny ilkinji gezek ýerine ýetirýän bolsaňyz, sport hünärmeniniň gözegçiliginde synap görmegi ýatdan çykarmaň! Hünärmenler diwar maşklarynyň nähili ýagdaýda dogry ýerine ýetirilýändigini öwreder hem-de degişli maslahatlary berer.

☑ Diwar maşklaryna başlamazdan ozal, ýeňiljek maşklary ýerine ýetirmeli. Sebäbi pilates bilen bada-bat meşgullanyp başlamak käbir şikeslenmelere (gypjynma, damarlaryň çekilmegi, myşsalaryň süýnmegi) sebäp bolup biler.

☑ Diwar maşklaryny her gün ýerine ýetirmek maslahat berilmeýär. Hepdede 2-3 gezek pilates bilen meşgullanmak kadaly hasaplanýar.

☑ Pilates bilen meşgullanyp bolanyňyzdan soň, 10-15 minut uzalyp ýatmaly. Uzalmak bedeniň rahatlanmagy we deriň gaýdyşmagy üçin peýdalydyr. Türgenleşigiň yzýany ýuwunmakdan saklanmaly.

# Çägäniň we deňiz suwunyň saglyga peýdasy

Deňiz kenarynyň we deňiz suwunyň bejerijilik häsiýeti irki ýyllardan bäri köpçülige bellidir. Ýylyň ähli möwsüminde, esasan hem, tomus paslynda deňiz kenarlary köp adamly bolýar. Deňiz kenarynda ýöremek, sport bilen meşgullanmak we dynç almak, şeýle hem suwa düşmek saglyk üçin elýetmez bejergiler hasaplanýar. Tolkunlaryň sesine diň salmak, çüýşe ýaly gömgök gözelligi synlamak we deňziň howasyndan dem almak adama gaýtalanmajak lezzet berýär.



☑ Deňiz suwunyň peýdalydygyny hemmeler bilýär. Kosmetika we derman senagatynda deňiz suwy işjeň peýdalanylýar. Deňiz suwundaky peýdaly minerallar we magniý deriniň juwan görünmegini üpjün edýär.

☑ Deri kesellerinde, käbir ýaralary guratmakda deňiz suwunyň peýdasy has uludyr.

☑ Deňiz suwundaky magniý, brom we litiý maddalary stres hem-de nerw bozulmalaryny bejermäge ýardam edýär. Bu maddalar beýnidäki melatoniniň we serotoniniň derejesini deňleşdirýär.

☑ Deňziň şor suwy goňaklamanyň öňüni alyp, saçyň ýalpyldawuk görünmegini üpjün edýär.

☑ Deňiz suwunda saklanýan ýod immuniteti güýçlendirýär. Şeýle hem şor suw deri öýjüklerini arassalap, allergiki keselleri bejermäge ýardam edýär. Antiseptik häsiýeti bolan deňiz suwy ýokançlyklara garşy göreşip, bedeniň mikroblara, bakteriýalara we kömelejiklere garşy durujylygyny ýokarlandyrýar.

☑ Deňizde ýüzülýän wagty elektromagnit energiýa meýdanynyň täsiri netijesinde öýjükler täzelenýär. Şeýle hem deňziň kenarýaka howasy gan aýlanyşyny kadalaşdyryp, gany we dokumalary arassalamaga ýardam edýär.

☑ Deňiz suwy dem alyş ýoly üçin hem peýdaly bolup, demgysmany we üsgülewügi bejermegiň iň gowy usuly hasaplanýar.

☑ Deňizde ýüzmek öýkeniň kuwwatyny güýçlendirýän iň möhüm fiziki bejergileriň biridir.

☑ Kenarýakada aýakýalaňaç gezmek nerw damarlaryny köşeşdirip, guragyry alamatlaryny aýyrýar.

**ÝÜZMEGIŇ PEÝDASY:**

☑ Ýüzmek myşsalary güýçlendirip, süňkleri we bogunlary berkidýär.

☑ Ýüzmek artykmaç ýagy ýakmaga kömek edip, süýji keseliniň ýüze çykmak howpuny azaldýar.

☑ Ýüzülende bedeniň çeýeligi artyp, bil-oňurga süňkleri we bogunlar ýazylýar.

☑ Bilermenler horlanmak isleýän adamlara ýüzmegi maslahat berýärler. Adam ýüzende kaloriýany has çalt ýakýar.

☑ Ýüzmek bedende toplanan artykmaç maddalardan saplanmaga, şeýle hem dem alyş ýoly bilen bagly tówekgelçilikleri aradan aýyrmaga ýardam edýär.

☑ Ýüzmek gan basyşyny kadalaşdyryp, ýürek-damar ulgamyny goraýar.

☑ Ýüzmek stresi azaldyp, özüňi has rahat duýmaga kömek edýär.



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# Toparçalardaky duşuşyklar tamamlandy, mundan soň utulan çykar

*Germaniýada dowam edýän 17-nji Ýewropa çempionatynda toparçalardaky duşuşyklar tamamlandy. Toparçalarda 81 gol geçirilip (ortaça 2,25 gol), ähli toparlar azyndan 1 utuk gazanmagy başardy. Ähli toparlar gol geçirip, Germaniýa iň köp gol geçiren topar boldy. Ispaniýa ýeke gol hem geçirtmedi. Netijede, 24 ýygyndynyň 16-sy ýaryşy dowam edip, galan 8-si öýlerine dolanmaly boldy. Horwatiýadyr Serbiýanyň, Çehiýanyň, hatda Ukrainanyň ýygyndylary ýaly bu ýaryşa ozal ençeme gezeK gatnaşan toparlar ýaryşy dowam etdirip bilmedi. Olaryň ornuna Slowakiýadyr Sloweniýanyň hem-de ilkinji gezek gatnaşýan Gruziýanyň 1/8 finala çykmagy aýratyn bellenmäge mynasypdyr. Aýratynam horwatlaryň gynançly ýagdaýda, soňky minutda geçirden goly esasynda 1/8 finalyň petegini elden gidermegi olaryň janköýerleri üçin uly urgy boldy.*

«A» toparçadaky 3-nji duşuşyklaryň soňky pursatlary ykbal kesgitleýji boldy. Ýer eýeleri Germaniýanyň ýygyndysy bilen Şweýsariýanyň ýygyndysynyň arasyndaky oýnuň ahyrky minutlarynda Füllkrugyň goly esasynda nemesler ýeňlişden halas bolup, toparçada 1-nji orny eýeledi. Wengerler bolsa Çobotyň 90+10-njy minutda geçiren goly esasynda şotlandlary 1-0 hasabynda ýeňdi. Bu ýeňiş olaryň 1/8 finala çykmagy üçin ýeterlik bolmady. Şotlandlara 4-nji gezek gatnaşan Ýewropa çempionatynda-da toparçadan çykmak başartmady. Şotlandiýa soňky gezek 1998-nji ýylda gatnaşan Dünýä Kubogynda-da 8 sapar, jemi 2 uly ýaryşda 12-nji gezek toparçadan çykyp bilmedi.

**Dowamy 5-nji sahypada.**




| Or. | «A» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | GERMANIÝA | 3 | 2 | 1 | 0 | 8-2 | 7 |
| 2 | ŞWEÝSARIÝA | 3 | 1 | 2 | 0 | 5-3 | 5 |
| 3 | WENGRIÝA | 3 | 1 | 0 | 2 | 2-5 | 3 |
| 4 | ŞOTLANDIÝA | 3 | 0 | 1 | 2 | 2-7 | 1 |

| Or. | «D» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | AWSTRIÝA | 3 | 2 | 0 | 1 | 6-2 | 6 |
| 2 | FRANSIÝA | 3 | 1 | 2 | 0 | 2-1 | 5 |
| 3 | NIDERLANDLAR | 3 | 1 | 1 | 1 | 4-4 | 4 |
| 4 | POLŞA | 3 | 0 | 1 | 2 | 3-6 | 1 |

| Or. | «B» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ISPANIÝA | 3 | 3 | 0 | 0 | 5-0 | 9 |
| 2 | ITALIÝA | 3 | 1 | 1 | 1 | 3-3 | 4 |
| 3 | HORWATIÝA | 3 | 0 | 2 | 1 | 3-6 | 2 |
| 4 | ALBANIÝA | 3 | 0 | 1 | 2 | 3-5 | 1 |

| Or. | «E» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | RUMYNIÝA | 3 | 1 | 1 | 1 | 4-3 | 4 |
| 2 | BELGIÝA | 3 | 1 | 1 | 1 | 2-1 | 4 |
| 3 | SLOWAKIÝA | 3 | 1 | 1 | 1 | 3-3 | 4 |
| 4 | UKRAINA | 3 | 1 | 1 | 1 | 2-4 | 4 |

| Or. | «C» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ANGLIÝA | 3 | 1 | 2 | 0 | 2-1 | 5 |
| 2 | DANIÝA | 3 | 0 | 3 | 0 | 2-2 | 3 |
| 3 | SLOWENIÝA | 3 | 0 | 3 | 0 | 2-2 | 3 |
| 4 | SERBIÝA | 3 | 0 | 2 | 1 | 1-2 | 2 |

| Or. | «F» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PORTUGALIÝA | 3 | 2 | 0 | 1 | 5-3 | 6 |
| 2 | TÜRKIÝE | 3 | 2 | 0 | 1 | 5-5 | 6 |
| 3 | GRUZIÝA | 3 | 1 | 1 | 1 | 4-4 | 4 |
| 4 | ÇEHIÝA | 3 | 0 | 1 | 2 | 3-5 | 1 |

ISPANIÝA — ITALIÝA

**EURO 2024 – 20.06.2024 – «B» toparça**
**ISPANIÝA (4–3–3):** Simon — Karwahal, Le Normand, Laport, Kukurelýa — Pedri (Aleks Baena 71), Rodri, Fabian Ruiz (Merino 90+4) — Ýamal (Ferran Torres 71), Morata (k) (A. Peres 78), N. Williams (Oýarzabal 78); ***Tälimçi:*** Luis de la Fuente
**ITALIÝA (4–2–3–1):** Donnarumma (k) — Di Lorenzo, Bastoni, Kalafiori, Dimarko — Barella, Žoržinio (Kristante 46) — Frattesi (Kambiaso 46), Pellegrini (Raspadori 82), Kieza (Zakkanýi 64) — Skamakka (Retegui 64); ***Tälimçi:*** Luçano Spalletti
**GOL:** Kalafiori 55 (ö.d.); **SARY KART:** Karwahal, Le Normand, Rodri — Donnarumma, Kristante; **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Niko Williams (Ispaniýa); **EMIN:** Slawko Winçiç (Sloweniýa); **STADION (TOMAŞAÇY):** «Arena AufSchalke», Gelzenkirhen – 49 528

**1–0**



SLOWENIÝA — SERBIÝA

**EURO 2024 – 20.06.2024 – «C» toparça**
